# «Gam çekme, gamlanma, batmagyn ünjä…»

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
"Gam çekme, gamlanma, batmagyn ünjä…" «GAM ÇEKME, GAMLANMA, BATMAGYN ÜNJÄ…»

Gam çekme, gamlanma, batmagyn ünjä,
Biziñ üçin ömrüñ güýzi daş entek.
Näziñ üçin ýüz gün köýüp gezeýin,
Misli köze elim degip bişen dek.

Gazabyna ýüz gün duçar eýlesin,
Gaharyñ yüz günlük bersin hesreti.
Maña-ha derkar däl, senem almarsyñ,
Añsatlykda gazanylan eşreti.

Öýkäñden öýkeläp gezmek bar bolsa,
Ykbalymyñ getirdigi-hasaby.
Ýüz günlük ret et, soñ razy bol,
Reýgana dönmez ýaly azabym.

Sen bilmeýändir diýmegin, dilber,
Sen öz maña beren derdiñe şärik.
Gitdigim, gözleriñ ýolumda hemem
Ýaşaýan derdiñi derdime garyp.

Häzirlikçe şo bes! Açyl azajyk,
Biziñ ömrüñ güýzi bilgin, daş entek.
Bir gün goşarys biz ykbalymyzy,
Misli baly sary ýaga goşan dek.

Soñra, hawa, bize dert-azar beren,
Günler
ýyllar ýaly bolan bolsalar.
Seni-meni bile salyp heýjana,

Ýyllar günler ýaly gaty gysgalar.

Ahmet MÄMMEDOW. Goşgular